# «Ha» harpy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
«Ha» harpy «HA» HARPY



Dildada bolaly saňa jana alas-sahyh,
Boldum jahanda yşk ile şeýda alas-sahyh.
Yşkyň meni bu dährde, eý, Leýliýi jemal,
Manendi Kaýys eýledi ryswa alas-sahyh.

Derdi derun-u dagy nemeksudymy görüp,
Dermanda boldy jümle atteba alas-sahyh.

Mujeznemaýy laglyňa jan ru isem seniň,
Bagş eýlemekde ruhy Mesiha alas-sahyh.

Gammazy eşk sahypaýy roýumda, eý, Wesim,
Raz-nyhanymy etdi hüweýda alas-sahyh.

* * *

Ol huda-ýu hasan ol, katdy bala alas-sahyh,
Diwana kyldy köňlümi jana alas-sahyh.

Ýeke janla bolardy hyrydaryň, eý, peri,
Husnuň göreýdi Ýusuby zyba alas-sahyh.

Balaýy serefrazyň üçin rasty söýlegil,
Hemta bolarmy katdyňa tuba alas-sahyh.

Adam degil ki hak muňa ol roýy mahweşiň,
Ruhul-emini eýledi şeýda alas-sahyh.

Etdi Wesimi bir saçy Leýla bu dährde,
Manendi Kaýys badyýe peýma alas-sahyh.

* * *

Bermedi kam dile peýzi meýi nap parh,
Akmady gülşen amalymyza ap parh.

Ruz bagtym şep taryga mübetdel boldy,
Dogmady täleýme mähri jahantap parh.

Galdy derbeste, daryg-a, gamla beýt serwer,
Maňa feth bolmady set haýp ki äbwap parh.

Meý-u mahbup müheýýa ola mejlisde mydam,
Mundan özge ýa nedir yşga esbap parh.

Bu syýah käse gerdun Wesim-ä ahyr,
Sundy zährap sütem bermedi jullap parh.

---

*Alas-sahyh – dogrudan hem.*
*Derdi derun-u dag – içde ýanýan otly dert.*
*Nemeksut – duzlanan.*
*Jümle atteba – ähli tebipler.*
*Mujeznema – täsinlik görkezýän.*
*Mesiha – Isa pygamberiň lakamy.*
*Gammazy eşk sahypa roýumda – töhmetçi gözýaşlar ýüz keşbimde.*
*Raz-nyhany hüweýda etmek– gizlin syrlary äşgär etmek.*
*Balaýy serefraz – beýik mertebeli.*
*Hemta bolmak – taý bolmak.*
*Ruhul-emin – Jebraýylyň lakamy.*
*Saçy Leýla – gara saçly.*
*Badyýe peýma – çöl söküän, sähra-beýewany aýlanýan.*

*Kam – arzuw-hyýal.*

*Ruz bagtym şep taryga mübetdel – ak bagtym gara öwrüldi.*

*Täleý – bagt.*

*Jahantap – ýagty saçýan.*

*Derbeste – daňylgy.*

*Beýdi serwer – öýüň hojaýyny.*

*Feth bolmak – açylmak.*

*Äbwap – gapy.*

*Müheýýa bolmak – taýýar bolmak.*

*Syýah käseýi gerdun – gara pyýalaly takdyr.*

*Sundy zährap – hapa suw.*

*Jullap – gülap suwy.* Goşgular